# Didaryña zar etme

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Didaryña zar etme DIDARYÑA ZAR ETME

Saba-säher arza geldim, Arzymana zar etme,
Yoklukdan dõränim hakdyr, nur-imana zar etme,
Ata başga atdan düşmez, at tutana zar etme
Ene başga halym sormaz, garabagra zar etme
Nurana jemalyñ görkez, didaryña zar etme!

Kümüş ganat ylham guşum, ganatyña aşyk men,
Yogsam saña ýetermidim munça menzil aşyp men?
Bilýän, ir-u-giç harmanym ýel ugruna çaşy:r sen
Ýõne her hal, gelip şu hal, maksadyma gowşur sen
Nurana jemalyñ görkez, didaryña zar etme!

Elbet, bu jan amanatdyr, bäş güne şärikli men,
Bir Özüñden gaýry Ýardan dilemedim erki men,
Munda baky galmak üçin gelenog-a her kimem,
Nurana jemalyñ görkez, didaryña zar etme!

Isgenderde şah neýlesin, bitmedik bolsa gamyş?
Mis dünýäni tutmazmydy, gömülip galsa kümüş?
Bilmenem kõne dünýäde tanyş känmi nätanyş?
«Kun» bilen biten barlyk- ýa:z, «Peýekunda»- garagyş,
Nurana jemalyñ görkez, didaryña zar etme.

Bu ýollaryñ ýolbeledi ýolsuz galsa neýlär men,
Toý meýlisiñ tomaşasy meýsiz galsa neýlär men?
Asman gõçen tüweleýler gaýsyz galsa neýlär men?
Bir õlüm, bir ömür-jübüt, taýsyz galsa neýlär men?
Nurana jemalyñ görkez, didaryña zar etme!

Dag başy dumanly bolsa, ýellerde nä günä heý,
Dost başy dumanly bolsa, gynlarda nä günä heý,
Bag başy bagbanly bolsa, güllerde nä günä heý,

Sõz başy senaly bolsa, dillerde nä günä heý,
Nurana jemalyñ görkez, didaryña zar etme!

Dostlar-a dostumdyr, ýöne janyn berjek dostan ýok,
Baş alyp gitjek men arman, ýazdygym şa destan ýok,
Bagbanym ukuda galmyş, gül açan bag-bostan ýok,
Kerpiji şygrymdan biten, bir diwany-astan ýok,
Nurana jemalyñ görkez, didaryña zar etme!

Ýşbu derdi ata berdi ya şyh berdi – ne peýda,
Magtym berdi, hoja berdi, seýit berdi ne peýda,
Jümle-jahan şanyn berdi, janyn berdi – ne peýda,
Bir Hakyñ õzi bermese, genji känden – ne peýda,
Nurana jemalyñ görkez, didaryña zar etme!

Dünýäler dünýä garylyp, jemal bolan dünýede,
Sözüm soñy sözsoñy däl, şu güne-de, düýne-de,
Alajyñ nä, garabaşy ham- hyýallar düýnese,
Bir,bady-saba dõner men, mensiz galjak dünyede,
Nurana jemalyñ görkez, didaryña zar etme!

Hojaberdi BAÝRAMOW. Goşgular